# KÄR HÄSIÝETNAMASY

**Hünär:** 4.34.05.25 Ýyladyşhana hojalygy
**Kär:** ýyladyşhana hojalygynyň inženeri

Şu kär häsiýetnamasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde Ýyladyşhana hojalygy hünäri boýunça taýýarlanylýan ýyladyşhana hojalygynyň inženerleriniň wezipelerini hem-de olaryň hünärine bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär.

Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlamagyň meýilnamasyny işläp düzmek, taýýarlanylmaly hünärmenleriň sanyny çaklamak, olaryň düzümini delillendirmek, ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlerini guramak, okuwyny tamamlan uçurymlaryň işlemeli ýerlerine ugradylyşyny, işe ýerleşdirilişini üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň hünärlerine laýyklygyny seljermek üçin ulanylmalydyr.

## Hünärmeniň wezipesi

Hünärmen oba hojalyk önümçiligini dolandyrmak işini ýokary okuw mekdebinde alan bilim derejesine laýyklykda amala aşyrmak üçin taýýarlanylýar. Ýyladyşhana hojalygy hünäri boýunça hünärmen hünär işiniň aşakdaky wezipeleriniň çözgüdine taýýar bolmalydyr: gök ekinleri, miweli baglary, bezeg ösümliklerini ösdürip ýetişdirmek üçin agrolandşaftlaryň ýaramlylygyna baha bermek; dürli agroekologiki şertlerde we tehnologiýalarda ösdüriljek gök-bakja, miweli hem-de bezeg ösümlikleriniň sortlaryny, görnüşlerini saýlamak; miwe, bezeg, gök ekinleri üçin ekiş materiallaryny öndürmek hem-de öndürmek boýunça işleri guramak we dolandyrmak; miweli we gök ekinleri, bezeg-bag ösümliklerini ýyladyşhana hojalygynda ösdürip ýetişdirmegiň tehnologiýasy; miweli we gök ekinleri, bezeg-bag ösümliklerini ösdürip ýetişdirmek üçin dökünleri, ösümlikleri goramak serişdelerini, ýörite enjamlaryny ulanmak; hasyly ýygnamak, saklamak we gaýtadan işlemek; miweli we gök ekinleriň önümleriniň hiline baha bermek, olary ulanmagyň usullaryny kesgitlemek, arhitekturasynyň obýektlerini döretmek hem-de işlemek; tehnologiki düzgüniň berjaý edilmegine gözegçilik etmek; miweli we gök ekinleri, bezeg-bag ösümliklerini ösdürip ýetişdirmek işlerini ýerine ýetirmek; tehniki resminamalary, iş çyzgydyny, gözükdirijileri, meýilnamalary, materiallar we enjamlar üçin arzalary işläp düzmek; miweli we gök ekinleri, bezeg-bag ösümliklerini ösdürip ýetişdirmegi dolandyrmak boýunça önümçilik toparlarynyň işini guramak; tehnologiki hadysalaryň görkezijilerine we önümiň hiline gözegçiligi amala aşyrmak; tehnologiýalary ornaşdyrmak, şikesleriň öňüni almak we ekinlerde

işlemek boýunça zähmet howpsuzlygyny üpjün etmek; ylmy barlaglara gatnaşmak; tassyklanan usulyýete laýyklykda dürli synaglary geçirmek; hasaba alyş we gözegçilik işlerini geçirmek; ekinleriniň hasyllylygyny we alnan önümleriň hilini ýokarlandyrmagyň mümkinçiliklerine baha bermek üçin maglumatlary seljermek; synaglaryň statistiki derňewini geçirmek, netijeleri we teklipleri işläp düzmek.

Hünärmen daýhan hojalyklarynda, ýyladyşhanalarda, tokaý hojalyklarynda, ylmy-barlag edaralarynda öz hünäri boýunça ýokary bilimli hünärmenlere niýetlenen wezipeleri eýeläp biler.

## Hünärmene bildirilýän umumy talaplar

Hünärmen ýokary hünär taýýarlykly, medeniýetli we salyhatly, halkyň bähbidini arap bilýän, Watanymyza, halkymyza, Hormatly Prezidentimize wepaly, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň talaplaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatlaryna dogry düşünýän we olary gyşarnyksyz durmuşa geçirip bilýän hünärmen bolmalydyr.

Hünärmen köpçülige ýolbaşçylyk etmegi, öz işgärlerini agzybirlik, maksada okgunlylyk ruhunda terbiýelemegi, nazary bilimini we tejribelik endiklerini yzygiderli hem-de üznüksiz kämilleşdirmegi, öz taýýarlyk ugry boýunça toplan ylmy maglumatlaryna düşünip, olary işinde ulanmagy, zähmeti ylmy nukdaýnazarda guramagy başarmalydyr.

Hünärmen ýokary okuw mekdebinde alan bilimini, ylmyny we tejribe taýdan taýýarlygyny yzygiderli ösdürip, kärini kämil bilmelidir, syýasy-jemgyýetçilik pikirini çuňlaşdyrmak bilen zähmeti ylmy taýdan guramak ýörelgesini önümçilikde ulanmagy başarmalydyr, işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegiň häzirki zaman usullaryna, şeýle hem işgärleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň tärlerine eýe bolmalydyr.

## Hünärmen şu aşakdakylary bilmelidir:

- önümçilik-tehnologiki işleri;
- guramaçylyk-dolandyryş işlerini;
- ylmy-barlag işleri.

## Hünärmen şu aşakdakylary başarmalydyr:

- nazary we amaly meseleleri çözmekde ylmy-nazary bilimlerini peýdalanmagy;
- ulgamlaýyn we deňeşdirme seljermegi;

- derňew endiklerini bilmegi;
- özbaşdak işlemegi;
- täze pikirleri döretmegi;
- meseleleri çözmekde dersara çemeleşmelere eýe bolmagy;
- maglumatlary dolandyryş, kompýuter bilen işlemek, tehniki enjamlardan baş çykarmak bilen baglanyşykly endiklere eýe bolmagy;
- dil we hat kommunikasiýalaryň ukyplaryna eýe bolmagy;
- dowamly okap, öz başarnyklaryny ýokarlandyrmagy;
- tebigy-ylmy dersleriň esasy kanunlaryny öz kär işinde ulanmagy;
- kompýuter tehnikasyny ulanmak bilen maglumat almagyň, ony saklamagyň, gaýtadan işläp bejermegiň esasy usullaryna we serişdelerine eýe bolmagy;
- önümçilik işgärlerini we ilaty tebigy betbagtçylyklaryň hem-de adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolan netijelerinden goramagyň esasy usullaryny amala aşyrmagy;
- ykdysady nazaryýetiň esasy düzgünlerinden baş çykaryp bilmegi, olary bazar ykdysadyýetini hasaba almak bilen ulanmagy;
- raýatlyk häsiýetine eýe bolmagy;
- sosial ylalaşyga ukyply bolmagy;
- şahslar bilen özara aragatnaşygy ýola goýup bilmegi;
- saglygy goraýyş ukybyna eýe bolmagy;
- tankyda we öz-özüňe tankyda ukyply bolmagy;
- medeni gymmatlyklardan we ýörelgelerden ýerlikli peýdalanmagy;
- bagbançylyk ekinleriniň dürli gibridleriniň we sortlarynyň tohumlaryny we ekiş materiallaryny öndürmegiň tehnologiýasyny amal etmegi;
- gök ekinleri, baglary, ir-iýmişleri kesellerden we zyýankeşlerden goramak üçin ösümlikleri goramagyň tehnologiýalaryny ulanmagy;
- gök ekinleri, baglary, ir-iýmişleri açyk we ýapyk toprakda ösdürip ýetişdirmegiň tehnologiýasyny amal etmegi;
- baglaryň ekiş materiallaryny ösdürip ýetişdirmek üçin tehnologiýalary ulanmagy;
- üzümleriň ekiş materiallaryny öndürmegi, oturtmaga we ideg etmäge, azyk we tehniki üzüm görnüşleriniň hasylyny ýygnamagyň we daşamagyň, haryt taýdan gaýtadan işlemegiň tehnologiýalaryny ulanmagy;
- bezeg baglarynyň ekiş materiallaryny ösdürip ýetişdirmegi, landşaft arhitekturasynyň desgalaryny taslama etmek, döretmek we dolandyrmak üçin tehnologiýalary ulanmagy;
- miweleri we gök ekinleri saklamagyň we ilkinji gaýtadan işlemegiň usullaryny ulanmagy;
- ekin dolanyşygyny, toprak ulgamlaryny esaslandyrmaga we amal etmegi, ekin

meýdanlaryny haşal otlardan goramak serişdelerini ulanmagy;

- ýaramaz meteorologiki şertlerde bagbançylyk ekinlerini goramagyň usullaryny ulanmagya;
- ýokary hilli, bäsleşige ukyply bag önümlerini öndürmegi;
- landşaft arhitektura desgalaryny döretmegi we ulanmagy;
- ekologiýa taýdan arassa we energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary ulanmagy;
- nahalhanalarda işleri ýerine ýetirmegi;
- bagbançylykdaky tehnologiki prossesleri seljermäge we meýilleşdirmegi;
- bag ekinlerine ideg etmek üçin agrotehniki çäreleri meýilleşdirmegi;
- dürli önümçilik we klimat şertlerinde dolandyryş çözgütlerini kabul etmegi;
- işgärleriň hünärine laýyklykda kär derejesini ýokarlandyrmak üçin şertleri döretmegi;
- bäsleşige ukyply önümleri öndürmek üçin telekeçilik meýilnamalaryny işläp düzmegi, marketing geçirmegi;
- milli we halkara standartlarynyň häzirki zaman talaplaryna laýyklykda bagbançylyk önümleriniň hil dolandyryş ulgamyny gowulandyrmagy, tehnologiki gözegçiligi durmuşa geçirmegi;
- ýyladyşhana desgalarynyň dürli konstruksiýalaryny gurnap bilmegi;
- ýyladyşhanalarda ýerine ýetirilýän tehnologiki işleri awtomatlaşdyrmagy;
- miwe-gök önümlerini öndürmegiň we gaýtadan işlemegiň meýilnamalaryny düzmek, sarp ediş we enjamlar üçin bahalary, arzalary taýýarlamagy;
- miwe-gök önümlerini gaýtadan işlemegiň we saklamagyň energiýa hem-de ykdysady netijeliligini kesgitlemegi;
- tassyklanan maksatnamalara laýyklykda bagbançylyk pudagynda häzirki zaman ylmy gözleg usullaryny ulanmagy;
- bagbançylyk pudagynda milli we daşary ýurt ylmy-tehniki maglumatlaryny toplamagy we olary seljermegi;
- toprak we ösümlik nusgalarynyň laboratoriýa seljermesini geçirmegi, bagbançylyk önümleriniň hiline baha bermegi;
- meýdan we laboratoriýa barlaglarynyň netijelerini umumylaşdyrmagy, statistik taýdan seljermegi, önümçilik üçin netijeleri we teklipleri düzmegi.

Kär häsiýetnamasynyň ähli şertlerini şu hünär boýunça hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebi hem-de dolandyryjy guramalar gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidir. Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlaýan bilim edaralarynyň, hünärmeniň hünär derejesini ýokarlandyrýan edaralaryň okuw meýilnamasyny düzmekde esasnama we iş ýazgysy bolup hyzmat etmelidir.

Kär häsiýetnamasyna ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna esaslanan üýtgetmeler we goşmaçalar diňe Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ylalaşmagy esasynda girizilip bilner.